# BIRINJI BÖLÜM

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANLARY

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1279 J. D. Mülkiýew hakynda**

**Jumageldi Durdyýewiç Mülkiýewi,** saglyk ýagdaýy sebäpli, «Türkmen dünýäsi» gazetiniň baş redaktory wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 2-si*
*№PP-5754*

* * *

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1280 Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligini döretmek hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda döwletimiziň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini mundan beýläk hem dowam etdirmek, ýurdumyzda zähmet we iş üpjünçiligi meselelerini düzgünleşdirmek, ilatyň zähmet hukuklaryny we kepilliklerini üpjün etmek hem-de durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligini döredip, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligini ýapmaly.

2. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligini ýapylan Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň hukuk oruntutary diýip kesgitlemeli.

3. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligini Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu Permandan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri iki aý möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.



4. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasy T. Japarow gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 8-i*
*№PP-5755*

* * *

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1281 Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligini döretmek hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň jemagat hojalygyny mundan beýläk-de ösdürmek, ýerine ýetirilýän jemagat hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmak, döwrebap enjamlaşdyrylan kärhanalary açyp, täze iş orunlaryny döretmek maksady bilen, **kakar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligini döretmeli.

2. Tükmenistanyň Jemgat hojalygy ministrliginiň üstüne jemagat hojalygy, jemagat hyzmatlary, abadanlaşdyrmak, arassaçylyk boýunça işleri amala aşyrmak wezipelerini ýüklemeli.

3. Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligini Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde Ministrlik hakyndaky Düzgünnamanyň taslamasyny bir aý möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

4. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary D. Orazow gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 8-i*
*№PP-5756*